# Edebi tapyndylar

Category: Edebiýaty öwreniş,Kitapcy,Nukdaýnazar,Psihologiýa,Romanlar
написано kitapcy | 21 января, 2025
Edebi tapyndylar EDEBI TAPYNDYLAR

Edebiýatda edebi tapyndy örän seýrek hadysa. Okyja has düşnükli bolar ýaly, mysaly kinodan alaly. «Şükür bagşy» filmi edebi tapyndy. Taryh ömürboýuna konflikti pul, güýç… bilen çözjek bolup, millionlarça urşuň bolmagyna sebäp boldy. Belki, konflikti sungat bilen çözmelidir? Filmiň baş pikiri şeýle… «Gorkak batyr» filminde hem dünýä möçberli tapyndy bar. Bütin dünýä çaga terbiýelemegiň hysyrdysyndan kösenýär. Režissýor Osman Saparow alaga-da «Çagany terbiýelemek işini tebigata tabşyrmaly» diýen pikiri öňe sürdi, dünýä ol pikiri oňlady…
Edebi tapyndy, diňe eseriň ideýa-tematikasyna dahylly hadysa däl. Sungat eseriniň gymmatyny hasyl edýän başga-da birnäçe zatlar bar. Hususanam, «Haýsy hem bolsa tapylan ideýany-pelsepäni nädip beýan etmeli?» diýen sowalam kiçi-kirim zat däl. Şeýdibem, çeperçilik açyşlary edilýär. Meniň üçin çeperçilik açyş, edebiýatyň çeper gymmatlyklary hemişe esasy zat bolupdy. Sebäbi hut şolar edebiýaty sungata öwürýän zatlardyr. Öz pikirimi düşündirmekden ötri üç sany mysala – pikir materialyna ýüzlenesim gelýär. Öz, türkmen edebiýatymyzdan, bize ykbalyň emri bilen ýakyn bolan rus edebiýatyndan hem dünýä edebiýatyndan mysal getireýin:
1. Türkmen klassyky edebiýatynyň ideýa esaslary hakynda köp gürrüň edildi, gürrüň häzirem edilýär. Şu meselede Döwletmämmet Azadynyň bitiren hyzmatlary hemmetaraplaýyn ykrar edilen zat. XVI – XVII asyrlardan başlap, edil häzirki görnüşindäki oturymlylygyna geçip ugran türkmen halkynyň durmuşynda birnäçe problemalar hem özgerişler ýüze çykdy. Çünki ýaşaýyş ukladynyň üýtgemegi hemişe ruhuň esaslaryndaky özgerişliklere-de getiräýmeli. Gaýtadan, täze esaslarda kemala gelýän türkmen ruhunyň esasy keşbini kesgitlejek ideýalary tapmalydy. Şol ideýa tapyndylar hem ruhuň gündelik ine-gana

ýaşaýşyny üpjün etmelidi. Halkyň ýaşaýşyny kesgitleýän faktorlara garaýşymy aýtsam – men bu meselede idealist. Sebäbi ähli zatlar ruha hem onuň fenomenal aýratynlyklaryna bagly hasaplaýaryn. Jemgyýetiň ykdysady, sosial barlygy, onuň hili ruha bagly bolýar.

Muny biziň öňki geçen akyldarlarymyz, şahyrlarymyz hem oňat bilipdirler. Şonuň üçinem olar ruhuň problemalaryna gaty köp üns beripdirler. Türkmeniň ruhunyň XVIII asyrda başdan geçiren özgerişleri birnäçe meseleleri döredipdir. Döwletmämmet Azady şol meseleleriň çözgüdi hökmünde bir ideýany öňe sürüpdir. Şol ideýa tapyndysy bolsa: mundan beýläk halk hökmünde ýaşaýşyny dowam etdirmek islese, türkmeniň syýasy taýdan bitewileşmelidigi baradaky ideýadyr. Degişli döwürde şondan uly ideýa bolmandy, ol tutuş klassyk edebiýatyň ideýa-filosofik bazasy bolup bilipdir.

Emma, indi seredip oturcak, Azadynyň dili bilen aýdylan ol ideýalar durmuşa gönüden-göni täsir edip bilmän ekeni. Munuňam sebäbi: ideýa tapyndysynyň çeperçilik tapyndylar bilen üpjün edilmänliginden eken. Azady türkmen durmuşynyň hem ruhunyň derdine dermany Muhammet pygamberiň ruhy mirasyndan gözleýär hem tapýar. Muny şahyryň özem açyk aýdypdyr. Ýöne, ol şol zerur ideýany çylşyrymly türkmen durmuşyna laýyk getirmäniň hötdesinden gelip bilmändir, ideýa hem durmuşyň gatnaşygy suwa daman ýag ýaly, gatyşman durupdyr. Başgaça aýdylanda, ideýany durmuşa geçirmegiň laýyk formalary tapylmandyr, Azady şol öňki formalaryň çäginden çykyp bilmändir.

Munuň hötdesinden gelmek beýik Magtymgula başartdy. Ol haýsydyr bir pikiri – ideýa tapyndysyny durmuşa geçirmegiň – ony adamlaryň arasynda ýaýratmagyň, olaryň kalbyna siňdirmegiň formasyny ýene durmuşyň özünden, türkmen halkyndan aldy. Munuň üçin bolsa ol halkynyň diline, psihologiýasyna, etnografiýasyna, milli duýgusyna ýüzlendi. Magtymgulynyň beýikligi – kakasynyň getiren ideýa tapyndylaryny öz döredijiliginde çeperçilik açyşlara öwrüp bilenliginde. Diňe şo halatda edebiýat ruhy ganatlandyryjy-galkyndyryjy güýç bolup biljek eken. Azady durmuşy şol ideýalara eltjek boldy, Magtymguly bolsa ideýalary durmuşa laýyklykda ölçäp biçdi.

Magtymguly gözbaşyny Azadydan alyp gaýdýan hem bolsa, iş ýüzünde şahyr olary ep-esli özgerdipdir. Mysal üçin, Azadydan tapawutlylykda, mahal-mahal milli ideýalar Magtymguluda dini däl eşikde-de berilýär. Munuň özi Magtymgulynyň lükgeligi bilen durmuşyň içine batyrgaý girenligi sebäplidi. Onsoň şeýle edebi batyrgaýlygyň netijesinde, Azadydaky umumymusulman materialy hut türkmen durmuşynyň materialyna öwrüldi. Haçandyr bir wagt musulman dünýäsiniň dürli künjeklerinde ýaşap öten ýarym legendar şahsyýetleriň ornuna Çowdur han, Döwletaly, Öwezgeldi ýaly türkmen serkerdeleri, milli azatlyk tuguny göteren şahsyýetler geldi, dürli dini-sufiçilik akymlarynyň deregine bolsa, türkmen tire-taýpalarynyň ýagdaýy geldi. Elbetde, men muny diýmek bilen Magtymguly realist şahyr bolupdyr diýmek pikirinden daşda, Magtymguly realist däl, ol sufiý şahyr, ol şonuň bilenem beýik. Ýöne, bu ýerdäki sufizm: giň manyda – edebi tapyndylaryň sistemasy hökmünde gelýär. Edebi tapyndy bolsa, ideýa tapyndysyndan hem onuň formasy bolan çeper açyşdan kemala gelýär.
Magtymgulynyň ýüze çykmagy üçin, örän köp ruhy energiýa sarp edilipdi. Munuň özi: türkmen ruhunyň soňky ýüzýyllyklarda iň güýçli ýüze çykmasydy. Şonuň üçinem, onuň döredijiligindäki edebi tapyndylary ýekänme-ýekän görkezip çykmak mümkinmikä berin?! Şeýle zerurlyk bolup biler, ýöne munuň bilen, goý, spesialistler – edebiýat taryhçylary gyzyklansyn. Meniň bu gürrüňe baş goşmagymyň sebäbi – edebi tapyndynyň düýp tebigatyna, onuň edebi-taryhy hereketde işleýiş mehanizmine akyl ýetirmek islegidir.
2. Indi meselä başga bir tarapdan çemeleşip göreliň, XIX asyr rus prozasy dünýäde iň ösen edebi nusgalary özünde jemleýär. Ol edebi nusgalaryň döremegi bolsa şol döwrüň rus durmuşynyň çenden agyr hem kynçylykly bolanlygy bilen baglanyşyklydyr. Ýöne, şol kynçylyklaryň döredýän dürli ruhy problemalary, şol problemalaryň çözgüdi hökmünde öňe sürülýän ruhy gymmatlyklar asla-da deň däl. Diýmek, meselä anyk edebi gymmatlyklaryň nukdaýnazaryndan seredeniňde, edebi tapyndylaryň manysy-da deň däl.
XIX asyr rus prozasynyň iň görnükli wekilleri Lew Tolstoý hem

F.Dostoýewskiý hasaplanýar. Tolstoýyň iň esasy eserleri «Uruş we parahatçylyk», «Anna Karenina» romanlary. F.Dostoýewskiniň has meşhur romanlary hökmünde «Jenaýat hem jeza» we «Doganlar Karamazowlar» agzalýar. Subýektiw garaýşymdyr weli, bu romanlaryň hem ýazyjylaryň arasynda dünýä edebiýatynyň soňky ykbalyna täsir etmek meselesinde uly tapawut bar, şol tapawudam F.Dostoýewskiniň haýryna. Näme üçin? Sebäbi ol durmuşyň öňe çykaran meselesine has giň planda – tutuş adamzadyň hem ähli döwürleriň zerurýeti planynda garamagy başarypdyr. Muny şol döwürdäki adamlar hem aňypdyr. Rus ýazyjysy Saltykow-Şedrin Dostoýewskiniň gyzyklanmalaryny «adamzadyň gaty uzakdaky gözlegleri» diýip häsiýetlendiripdir. Dostoýewskiý, Tolstoýdan tapawutlylykda, diňe şol jemgyýetiň özi bilen çäklenmän, eýsem, şol jemgyýetdäki ähli döwürlere hem umumadamzat üçin has wajyp meselelere üns beripdir. Ol mümkingadar sosialistik häsiýetli barlaglardan gaça durup, adamyň ähli döwürlerde-de üýtgewsiz, ýa-da, juda az üýtgeýän psihologik obýektdigine agram beripdir. Munuň özi edebi tapyndylaryň planynda örän uly hem düýpli açyşlaryň üstünden getirdi. Z.Freýd, Ýung ýaly alymlaryň Dostoýewskiniň gahrymanlarynyň ylmy analizi netijesinde, uly bir teoriýalary döredendigi geň zat däldir. Ýa-da XX asyr dünýä mifologizminiň hem detektiwiniň Dostoýewskä gatnaşygyny alyp göreliň. Bularyň köpüsi «Doganlar Karamazowlardaky» Şeýtanyň hem Beýik inkwizitoryň nesilleridir. Aýtjak bolýan zadym: durmuşyň has uzaga gidýän, has düýpli, wagtyň hem ruhy giňişligiň has uly çäklerinde hereket edýän hökmürowan ideýalary tapyp bilmek ukyby ýazyjynyň edebi tapyndysynyň gymmatyny, möçberini kesgitleýär.

3. Indi bolsa başga mysala ýüzleneli. Meşhur amerikan ýazyjysy E.Hemingueýiň «Goja hem deňiz» diýen powesti bar. Powestiň süňňünde saklanýan edebi tapyndylar dogrusynda ýazyjynyň galamdaşy, deň-duşy U.Folkner 1957-nji ýylda – powestiň ýazylanynyň yz ýanlary şeýle pikirleri aýdypdyr: «Meniň göwnüme, onuň soňky kitaby – «Goja hem deňiz» iň şowly kitabydyr. Sebäbi hut şunda ol öň tapmadyk bir zadyny, hususanam, Hudaýyny tapypdyr. Şondan öň onuň gahrymanlary

wakuumda hereket edýärdi, olaryň geçmişi ýokdy, emma «Goja hem deňizde» bolsa, ol Hudaýy tapdy oturyberdi. Şo taýda ullakan balyk bar – Hudaý tutulmaly şol balygy ýaradypdyr. Hudaý şol balygy tutmaly gojany-da ýaradypdyr. Hudaý şol balygy iýmeli akulany-da ýaradypdyr, özem Hudaý olaryň baryny gowy görýär».

Hawa, Folkner galamdaşynyň edebi tapyndysyny şeýle düşündirýär. Men Folkneriň şeýle garaýşyna duşmazdan has öň şol powesti okap çykypdym, özem powestiň düýp manysy barada şoňa meňzeşräk pikire gelipdim. Asyl ol çala üşügi bolan islendik okyjynyň gözünden sypjak zat däl. Hemingueý dünýäde adamdyr haýwanyň ýaşaýyş ugrundaky baky göreşini real suratlandyrýar. Powestdäki edebi tapyndy realistik detallaryň aňyrsynda ýatyr.

Ýöne, awtoryň powest baradaky öz garaýşy nähili? «Men hakyky gojany hem hakyky oglanjygy, hakyky deňzi hem hakyky balygy hem-de hakyky akulalary suratlandyrmaga çalyşdym. Onsoň men olary ýeterlik oňat hem-de dogruçyl ýazyp bilen bolsam, mundan dürli hili many çykaryp bolardy. Haýsydyr bir örän çynlakaý hakyky zady, kämahal bolsa hakykatyň özündenem hakyky zady döretmek – munuň özi biçak kyndyr».

Ýazyjynyň hakykylyk barada aýdanlary babatynda bir zady bellemeli: realizm bilen edebi dogruçyllygyň düýbünden başga-başga düşünjelerdigini aýtmaly. Realistik eser awtoryň zehinine baglylykda dogruçylam bolup biler, dogruçyl dälem, edil şonuň ýaly, realistik däl eserlerem dogruçyllygyň çürbaşy bolup biler.

Şeýlelikde, edebi tapyndy ýazyjynyň eseriniň obýektiw manysy bilen bir hatarda, oňa düşünmek bilen baglanyşykly hadysa-da bolup biljek eken. Hemingueý muňa dogruçyllyk diýýär. Dogrudanam, durmuşyň özi köpmanyly hem-de köpöwüşginli hadysadyr. Şol sebäpdenem oňa her kim birhili düşünýär, sebäbi her kim köpdürlüligiň belli bir tarapyny saýlap alýar. Çeper eser diýilýän zat gaty kämil bolanlygynda şeýle köpäheňlilige eýe bolup biljek eken. Onsoň käbir okyjylaryň eserden awtoryň asla oýuna-küýüne gelmedik tapyndylary-da tapybermegi mümkin zatdyr.

Onsoň edebi eserdäki iň baky hem uly tapyndy dogruçyllykdyr

diýen netijä gelmek mümkin. Ýöne dogruçyllyk bu ýerde ideologiki däl-de, sap çeperçilik kategoriýasydyr. Şuňa oňat düşünmek gerek.
Ç.Aýtmatowda «Goja hem deňze» çalym edýän bir powest bar – «Deňiz kenarynda gezýän ala köpek». Powestiň düýp manysy-da Heminguеýiňkini ýatladyp dur. Ýöne, eýsem-de bolsa, Ç.Aýtmatow Heminguеýden haýsydyr bir zady alypdyr diýmek nädogry bolardy. Ýazyjynyň eseriniň stil, obraz, metod meselesindäki özboluşlylygy ony başga bir edebi tapyndy hökmünde häsiýetlendirmäge mümkinçilik berýär. Ylaýta-da, powestde ulanylýan dürli mifler, gahrymanlaryň sap mifiki aňy eseriň bütinleý özboluşly çeperçilik dünýäsidigini aýan edýär. Aslynda eserleriň žanry-da başga-başgadyr. – «Goja hem deňiz» realistik powest, «Deňiz kenarynda gezýän ala köpek» bolsa, simwolizme ýugrulan şahyrana aýdymdyr.
Men Aýtmatowy näme üçin ara saldym? Sebäbi bu hili meňzeşlik edebi tapyndynyň originallygy hem-de edebiýatda özara täsir meselesini gozgaýar. Has uly edebi tapyndylar edebiýatda seýrek duş gelýär, ol hili çeper açyşlary diňe geniler edip bilýär, talantly ýazyjylar bolsa olaryň salan ýollary bilen gidip, öz ýodalaryny tapýarlar. Aslynda, sözüň haýsydyr bir manysynda edebiýat öýkünmek, gaýtalanmak arkaly ösýändir. Bu umumy dialektik prosesiň bir tarapy bolsa gerek.
Heminguеý tarapyndan açylan, has dogrusy, ýöne wagt taýdan öň suratlandyrylan adam, deňiz temasynyň nähili içki ruhy-çeper mümkinçilikleriniň bardygyny «Deňiz kenarynda gezýän ala köpek» aýan edýär. Bu ýerde meňzeşlik sap daşky detala syrygýar, diňe deňizdir adam meňzeşligi bar. Galan zatlar bolsa düýpgöter tapawutlanýar.
Ýöne meseläniň başga tarapy hem bar. Adamyň daşky stihiýa hem haosa gatnaşygy iki ýazyjyda-da deň äheňderäk gidýär. Biz fizikada şol bir açyşyň birnäçe alymlar tarapyndan bir wagtda biri-birinden habarsyzlykda edilenndigini bilýäris. Näme üçin ruhy, edebi açyşlar şeýle ykbala uçrap bilmez?! Elbetde, gozgan meselämiz biziň çak edişimizdenem, has çylşyrymly bolsa gerek. Onuň başlangyçlarynyň adamyň aňasty dünýäsinden gaýdýan bolmagam mümkin.